# Barha uzap barýar ýollaryñ Lenin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Barha uzap barýar ýollaryñ Lenin BARHA UZAP BARÝAR ÝOLLARYÑ LENIN



Her ýyl baýram edip seniñ ýaşyñy,
Aýdyma besleýär dillerim, Lenin.

Hormat bilen
Söýgi bilen daşyñy
Bezeýär al-elwan güllerim, Lenin.
Partiýanyñ goldaw-daýanjy bilen,
Ynsanlygyñ beýik ynanjt bilen,
Ägirt ýer şarynyñ bäş künji bilen,
Dostlukly tutuşýar ellerim, Lenin.

Rewolýusiýa!
Bady gaýtmaz tolkundy,
Zynjyrlar paýrady, göreş galkyndy…
Mukaddes ýoluñdan ýöreýär indi,
Milýonlap ak ýürek dillerim, Lenin.

Bir görsediñ SSSR-iñ çägini!
Döretdik dostlugyñ sönmez çoguny.
Beýik Ýeñişleriñ sallançagyny,
Üwreýär asyrlar… ýyllarym, Lenin.

Diýipdiñ: – «Göreşiñ berip egin-egne,
Şübhe ýokdur hakykatyñ ýeñjegne».
Adamzat bagtynyñ röwşen geljegne,
Barha uzap barýar ýollaryñ, Lenin. Goşgular